# «Öýünden daş çykman oturdy şahyr…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Öýünden daş çykman oturdy şahyr…" «ÖÝÜNDEN DAŞ ÇYKMAN OTURDY ŞAHYR…»

…Öýünden daş çykman oturdy şahyr –
Öýünden daşaryk çykman işledi.
Ýazdy ol ajaýyp goşgular ýazdy –
Ak kagyzy degirmen deý dişedi.
Ähli şatlyklary siñdi şygryna,
Böwrüne kem-kemden sanjy ornaşdy.
Öýünden daş çykman işledi şahyr,
Il bilen däl,
Özi bilen gürleşdi.
Ýazdy, ýazdygyça, artdy yzasy,
Yzasy artdykça, gaçdy mazasy.
Ýazdy, ýazdy, ýazman oñup bilmedi,
Ýöne yzasyny kowup bilmedi.
Bir gün…
Dost-ýarlary gelip ýanyna onuñ,
Gyýyldylar düşen halyna oniñ,
Gynandylar ähli janlary bilen,
Äkitdiler ony ýanlary bilen,
Il içine aýladylar,
Ile şatlyk paýladylar.
Il şatlandy,
Il şahyra çapak çaldy,
Il şahyra alkyş aýtdy
Dolandy şahyr öýüne,
«Sag bolly» dolandy – sagalyp gaýtdy.
…Ile şatlyk berip, soñ alyp bolýar –
Il şatlygy bilen sagalyp bolýar.
Kasym NURBADOW. Goşgular